BILEJE KITAP OKAÝARYS

# Öz çagaňyzyň akylly hem alçak bolmagyny isleýäňizmi?!

## Ene -atalar üçin ýatlama

# Kiçi ýaşly çagalar kitaby sesli okap berlende ony diňlemäni gowy görýärler

Çagalara kitap okap bermek örän peýdalydyr. Kitaby çaga bilen bilelikde okamaga näçe ir başlasaňyz, şonça-da gowy bolar. Çaganyň ilkinji güninden, kitap okaýan ata-enesiniň sesi, oňa hüwdi ýaly eşdilip ony süýji uka batyrýar. Eger-de siz entek kitap okap başlamadyk bolsaňyz, onda ony maşgala däbine öwürmegiňiz gerek. Kitaphana ýa-da kitap dükanyna baryň-da birnäçe gyzykly şekillendirilen çaga kitaplaryny alyň we her agşam çagaňyz uka gitmezinden öň, kitap okap beriň.



# Kitaby sesli okamak näme üçin şeýle wajyp?

Göz öňüne getirip görüň, Siziň çagaňyz mekdepde has üstünlik bilen okar! Çünki kitaby sesli okap berelen çagalar:

- ilki bilen dosty köp bolyar, sebäbi kitaby köp diňläni we okany ücin ol ýaşdaşlary we ulular bilen oňat gatnaşyk açyp biler. Gatnaşyk açmak bilen çaganyň ozüne göwni ýetip, onuň özüne bolan ynamy artýar;
- ol öz pikirini dilden hem ýazuwdan oňat beýan etmegi başarar;
- sapaklaryna oňat ýetişer, özbaşdak oýlanyşykly hereket etmek bilen kynçylykly ýagdaýlardan oňat baş alyp çykar.

Kitap okamaklyk çaganyň durmuşyna örän oňaýly täsir edýär. Okamak bilen olar özlerini durmuşda gyzyklandyrýan ähli soraglara jogap tapýarlar. **Iň esasy maksat bolsa, siziň kömegiňiz bilen çagaňyz özüniň durmuşdaky ornuna we töweregini gurşap alan dünýä göz ýetirýär.**

# Haýsy kitaplary okap bermeli?

- Çagalara niýetlenen kitaplary, žurnallary we gazetleri okap beriň
- Has kiçijikler üçin hökman ýönekeý, düşnükli hekaýaly we owadan suratly kitaplary saýlap alyň
- Onuň gowy görýän kitaplaryny gowy öwreneniňizden soň, täže hekaýalara we ertekilere geçiň. Hekaýanyň gahrymanynyň adyna derek öz çagaňyzyň adyny goýuň ýa-da öz hekaýatlaryňyzy oýlap tapyň.
- Wagtal-wagtal çagalara düşünmesi çylşyrymlyrak wakaly kitaplary okap bermäge synanyşyň. Eger-de ol ýaramasa, ony wagtlaýyn goýup, başga bir wakany okap beriň. Siziň çagalaryňyzyň haysy hekaýalary we ertekileri halaýanyny anyklajak bolyň.
- Goşgylary çagalaryň hemme ýaşyndakylara sesli okap berseňiz bolar. Şygyr kapyýasy çagalary gyzykdyrýar we olar ony ýeňil ýat tutýarlar.

# Nähili okamaly?

- Çaga bilen ilki kitaba göz gezdirip çykmaly, suratlar hakda gürrüň etmeli.
- Sabyrly boluň, sesli okamakdan lezzet almagy öwretmek üçin biraz wagt gerek bolar. Siziň çagalaryňyza hem diňlemegi endik edinmek üçin biraz wagt gerek bolar.
- Howlukman labyzly okaň, elleriňizi hereketlendirip wakalary suratlandyrsaňyz has hem gyzykly bolar.
- Kitaba dogry seredip biler ýaly ýagdaý dörediň, esasan hem kitap suratly bolsa. Eger siziň çagaňyz doly oturyp diňläp bilmeýän bolsa, siz ynjalykdan gaçmaň. Ol siziň okaýan wagtyňyz oýna ýa-da surat çekmäge güýmenip biler.





- Çagaňyza okaýan hekaýaňyz bilen gyzyklanmaga şert dörediň we okap bolanyňyzdan soňra onuň bilen okan wakaňyz hakda pikir alyşyň.
- Okaýan wagtyňyz bu çärä çagany işjeň gatnaşdyrmaga çalşyň. Olardan kitapdaky surat hakda gürrüň bermegini haýyş ediň, tekstden bir parça okadyň ýa-da soňrak nämeleriň bolup geçjekdigini soraň. Wakany rollar boýunça oýnaň.
- Size beriljek köp sanly soraglara taýyn boluň, esasan hem çaga kiçi ýaşly bolsa. Kitap okap berýän wagtyňyz olara jogap bermäge taýyn boluň.

- Çagalar başlan işlerini tamamlamagy halaýarlar, okap başlan hekaýaňyzy hökman gutaryň ýa-da oňayly ýerde arakesme yglan ediň, meselem bir bölumi gutaranyňyzdan soňra.
- Çagalaryňyza sesli okap bermegi olaryň mekdebe gatnayan döwründe  hem dowam ediň.  Kitabyň sesli okalyşyny diňlemekden diňe lezzet hem köp peýda bardyr.
- Ýetginjekler jigilerine kitaby sesli okap bermek ýaraýan bolmagy mümkin. Siz hem öz göreldäňiz bilen, ýagny ýetginjeklere kitapdan bir bölek ýa-da bir gyzykly makalany okap bermek bilen, olary bu işe höweslendirip bilersiňiz.



TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI TARAPYNDAN GOLDALAN

